# Men olaryñ jüwlükligine telpek goýýan!

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Men olaryñ jüwlükligine telpek goýýan! **Oguljennet Bäşimowanyñ Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**




Sişenbe, 15.08.2023 ý.
Men bir ogryny tanaýaryn, öz ejesiniň geçmişi gaty çylşyrymly bolany üçin meniň ejemiň geçmişi baradaky ýazan senarimi ogurlady, görgüli! Ogurlany hem hiç görgüliň: “Gaýta ol menden ogurlady” diýip, gaty ogurlyga öwrenişen ogrularyň ýanynda aýdýamyşyn. Men-ä begendim, aňsadam däl-ä, şeýdip özüňi tanadaýmasaň, tanabam baranoklar.
Indi men begenýän “ogrularyň” içinde: “spisokda” adymyň bardygyna, “çünki men bu dünýede zehinimi açyp bilmän geçip gitjek ekenim, ýaşym hem bir çene bardy. Ogrylar bolsa, özlerini derrew tanadýarlar, bahana bilen bizem tanalaly ahbetin!» diýip, oýlandym. Erbedem däl, ogry bolsaň, derrew il hataryna goşulaýýaň, bolmasa göwünlerem ýetenok, salamyňy hem zordan “wagtlary bar bolsa” alýarlar.
Bu ajap bir dünýä boldy, ogrularyň tiz tanalýan dünýäsi, men bu babatynda “Molodis Atabaý” diýäýmesem, sözüm hem ýok. Ynsabyň ogrusy has köpeldi, edebiýat ogrularyna dawno öwrenişdik, 70-nji ýyllarda men dogulmakam hem tankytçylar bu

hakda kitap ýazypdyrlar, olar-a görgülilер utanjyna gara ýere girdiler, tüweleme ogrularyň ýaşy hem uzyn bolýar, ogurlyklaryny ýaşlarynyň soňunda hem dowam edip ýörler, men olaryň jüwlükligine telpek goýýan”
Eger-de şu ogrular bolmasady, onda biz ogry däl şahyrlaryň çyn zehinini nädip bilerdik? Aslynda ogrulara azar bermäň, edebiýatyň meýdançasynda mal kän, alybermeli. Alyň ala meýdany. Awtorlyk hukugyna düşünmeýänleriň dykgatyna, ol şeýlebir zehinli ogrularyň tarapynda welin, gaty çylşyrymly.
Men bir senari ýazdym, ony hem derrew ogurladylar, meniň ejemiň geçmişi baradaky senarini ogurlap, görgülijigim (nebsim hem agyrýar şoňa käte) kino ýasady, azara galyp.
Koneçno giden pula eýe çykdy, nesip etsin! Ýöne senariniň awtorynyň ejesi hakyndaky wakalary “öz senarim” diýip, her köprüden pul berip geçdi, oňkam aňsatdyr öýtmäň ahbetin! Kyn-a oňky hem. Şeýdibem meň ejemiň başyndan geçiren wakasy hakda oň düýşüne girip, meň ejem zakaz edipdir: “öz gyzym başaranok, sen ýazmasaň!” diýip, şeýdibem ogrujamyň gije-gündiz ýatman eden işlerine giden pul çykaryp berdiler, nesip etsin, ýene!
Men bolsa, häzir: “ejemiň mazaryna başga biri gül goýupdyr” diýip, pikir etmäge, ýagny gowylyga ýormaga başladym. Çünki o senarimi meniň kino öwürmegim üçin nijeme ýyllar gerek bolardy, aslynda dört ýyldan hem köp kinostudiýanyň tekjesinde ýatdy hem ol, senariýa. Birden bir ogry geldi-de bela ýaly düýşüne meniň ejem girip, ylgapjyk kino başlady, onsoň oňa: «Molodis Atabaý” diýersiň- ä!
Bu ajap döwürde aýdýan-a ogrylara goşulmasaň zat ýok, menem şeýdip meşhur bolaryn indi. Öň tanalmaýan bolsam hem, iň bolman ejemiň başdan geçiren wakalarynyň “senaristine” goşulyp, men hem tanalaryn. Iň gyzykly ýeri hem: “Ol menden ogurlady” diýipdir, ýolbaşçylaryň biriniň ýanynda. Şüýä-hä hasam gowy boldy: “Ogrudan ogrulamak halal”- diýen nakyl ýadyma düşüp, bäý- bä “öz ejemiň düýşüni, başga birinden ogurlamak” bu ajap bir paradoks” diýen netijä geldim.
Ýazyjydan zat ogurlamak üçin, öz eserleriň hem aslynda bolsa gowy dälmaý? Ilki,ogurlyk hem bolsa, eserleriň bolsa, gowy. Soňra ýazyjylygyňy ykrar etseň, beýleki bir ýazyjynyň seniň

zadyňy ogurlandygyna ynanyp bolar!
Azar bermäň, ogrulara, olar zehinli adamlaryň başaryp bilmedik zadyny ýüze çykaryp bilýärler, zehiniň sesini bütün dünýä eşitdirmegi başarýarlar, eger diňleýji tapsalar koneçno!
Olar mukaddesligiň nämediginden habary bolmaýanlar bolanlary üçin, olaryň sesleri hem dünýäniň özi ýaly, ýalançy we hakykaty bilmezlik derejesinde olaryň hakydasynyň programmasy boş goýberlen, “çipi” boş.
Onsoň olar hem bir zatdan iýmitlenmeli ahbetin! Men şol sebäpli olaryň “çipini dolduryşmaga siz kömekleşmeli” diýip, düşünýärin. Aňsat hem däl, aňyrdan boş çipli ugradylsaň, birden-biriňiz öz eserleriňiz bilen ýardam bermeli bolarsyňyz, ahbetin!
Ýewtuşenko belki-de mazarda ýatandyr, belki ol: “Borlaý şular bolmasa, adym hem tutulmazdy” diýip, dowolno bolup ýörendir, kim biler!
Emma şu mukaddeslik diýlen zat-da bize: “stop” diýdirýän. Ogrylaryň arasyndan öz sesiňi eşitdiräýmek aňsat däl-ä! Menem şoň üçin olara haýpym gelýär, bu bolsa ýakoby, siz iki işde işleýän ýaly bolýarsyňyz, ýagny biri döredijilik etmek, beýlekisi hem çipi boş gelenleriň çipine önüm atmak, haýp!
Belki-de iň ýokary notalar hakda gürrüň etmegi halaýandyryn men, maňa bolsa, başga zatlary sorag berýärsiňiz! “Öz medeniýetiňizi gowy zatlaryň gürrüňini edip goraň!” diýesim gelýär. Ynsanyň ruhundan çykýan ses we reňk nähili bolsa, şoňa görä-de ol ýaşaýşyny dowam etdiribilýär!
Dünýäniň bar işi ogrular däl ahbetin, onuň has möhüm işleri bar, ol işler “jüýje sanalanda belli bolýar!” Aperin ogrulara! Ol jüýje sanalşyga barmak üçin taýýarlyk görüberiň! Hökman öz “ejeňiz” “kömege geler!”

- **Adminstrasiýadan:**

*Sahypamyzda eýýäm birnäçe gezek gozgalyp gelen awtorlyk hukugy, plagiat eserler hakdaky gürrüňimiziň hörpüni üýtgedip, ikinji ädimimizi ätmek isleýäris. Ýagny meseläniň oňyn netijelerini görmek üçin awtorlyk hukugy hakda çykyş etjek*

*ýuristlerden geljek hatlara we çykyşlara garaşýarys.*
Nukdaýnazar